# Otuzynjy ýyllaryñ habarçylaryna

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Otuzynjy ýyllaryñ habarçylaryna OTUZYNJY ÝYLLARYÑ HABARÇYLARYNA

Otuzynjy ýyllaryñ habarçylary,
Agyrdy ykbalyñyz, örän agyrdy.
Ol mahallar döwrüñ özi şeýledi,
Ol mahallar döwrüñ özi agyrdy.

«Kepje sakgal», «Pişge murt», «Jalataý»,
«Ketgentelpek», «Kirpi», «Gara jyn», «Akýal»
Bular siziñ käbir lakamlaryñyz,
Ony sizden talap edipdi ykbal.

Bu lakamlañ özi beýannamady
Siziñ ýaşan agyr döwrüñiz hakda.
Gije-girim ganly pyçak dirilen,
Gülle böwsüp geçen böwrüñiz hakda.

Synpy baý-kulagy ýepbekläp ýazan
Habarcyñ habary okalsa irden,
Ertir turup adamlary obanyñ
Onuñ ganly läşin tapardy nirden?

Otuzynjy ýyllañ habarcylary
Henizem gojalañ ýadyna düşýär.
Gök çaýyñ başyna diýýärler «Olar
Ýolbars deý güýçlüdi, durna dek hüşgär».

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular